# Hakykat garyndyly ýalanlar

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Hakykat garyndyly ýalanlar **Sylapberdi Muhamowyň Nukdaýnazar sahypasy üçin ýörite çykyşy**




Ýekşenbe, 18.02.2024 ý.
Arada Çingiz Aýtmatowyň bir sözüni okadym. Has anygy öňräk okapdym, şu wagt täzeden aňymda aýladym: Ynsanyň aşgazany beýnisinden akylly, sebäbi aşgazan özüne ýokmajak zady derrew gusýar, emma beýni beýdip bilenok. Ol islendik maglumaty kabul edip, özleşdirip bilýär.
Häzirki dünýäniň informasion giňişliginde köpçülige berilýän maglumatlar hakda oýlananymda gorkunç bir hakykat bilen garşylaşýarsyň. Biziň (hala resmi hala-da hususy) informasion çeşmelerden eşidýän habarlarymyzyň toslama ýalan bolmak ähtimallygy 100% bolmasa-da epeý bardyr.
Biz haýsy habara, maglumata ynanjagymyzy bilemizok. Düýbünden toslama maglumatlar hem içine hakykat goşulan ýalanlar hem bar. Ine, iň erbedi hem şü. Sebäbi hakykat goşulan ýalany saýgarmak has kyny. Bu hakda bir mysal getireýin. Bir işdeş ýoldaşymyz bardy. Şäherde onuň «gezýäni» bardy. Biz anna güni oglanlar bilen üýşüp juma namazyna gidýäris. Işdeş

ýoldaşymyzyñ gezýän aýalynyñ öýi metjit tarapda eken. (Biz soñ bildik). Onsoñ ol işdeşimiz biziñ bilen şol tarapa gidýär. Ýolda aýalyna jañ edýär: «Bu gün gijiräk bararyn, häzir metjide namaza barýas, soñam galyp işlemeli» diýer. Zynakär kezzabyñ sözüne daşardan eşidilýän azan sesi-de subutnama bolaýýar. Estağfirullah. Ine, meñ ömrümde sataşan hakykat garyndyly ýalanym şü.




Indi şu mowzugy dünýä masştabynda alyp göreliñ. Ýalan informasiýalar döwletleriñ derejesinde ägirt uly güýç bilen öz halkyna iýdirilýär. Başarsalar bütin dünýäni hem ynandyrjak bolýarlar.
Biz muña nähili garamaly. Garşylyk görkezmelimi. Ýa-da tolerantly bolmalymy?!
Biz «El kezzebu la ummetin» diýen resulyñ ymmatlary. Hiç bolmanda dogry sözli bolmagy öwreneliñ. Elimiz bilen garşylyk görkezip bilemzok, geregem däl. Dogry söz bar wagty gylyçlar güýjüni gaçyrýar. Nukdaýnazar